# Ýylmaz Karakoýunly

Category: Kitapcy,Romanlar,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýylmaz Karakoýunly

ÝYLMAZ KARAKOÝUNLY

Ýylmaz Karakoýunly, tanymal türk ýazyjysy, syýasatçy.

■ Terjimehaly we syýasy karýerasy

Ýylmaz Karakoýunly 1936-njy ýylyň 26-njy aprelinde Stambulda dogulýar. 1955-nji ýylda Diýarbekiriň Zyýa Gökalp liseýini tamamlaýar. 1959-njy ýylda ABŞ-nyň Jorjiýa uniwersitetiň Syýasy ylymlar fakultetini MBA derejesi bilen tamamlady. Şol bir wagtyň özünde Miçigan uniwersitetiniň "Effective Management" sertifikatyny hem gazandy. Doktorlyk işini Stambul uniwersitetinde goraýar. Az wagt işländen soňra Döwlet Meýilnamalaşdyryş guramasyna girýär we maliýe bölüminiň müdiri bolup işleýär. Soňra öz islegi bilen işden çykyp, hususy sektora geçýär. Hususy firmalarda dürli ýolbaşçy wezipelerde işleýär. Çöküşi bilen Türkiýäni sarsan Banker Kastelliniň firmalarynda baş kordinator wezipesinde işläp ýörkä, tussag astyna hem alynýar.
1995-nji ýylyň saýlawlarynda "Anavatan" partiýasyndan Stambulyň deputatlygyna saýlanýar.
1999-njy ýylyň saýlawlarynda ikinji gezek parlamente saýlanyp, "Anavatan" partiýasynyň başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýär. Bülent Ejewidiň hökümet düzüminde döwlet ministri we hökümet habarçysy wezipesinde, "TRT" teleýaýlymynda, "Anadolu Ajansı" metbugat organynda, Neşirýat işi we habar beriş serişdeleri boýunça müdirliginde, Hususylaşdyrmak müdirliginde jogapkärli wezipelerde işledi.
2014-nji ýylyň ýerlerdäki saýlawlarynda Respublikan Halk partiýasyndan (CHP) Urla munisipialetiniň mejlisine agza bolup, Mejlis agzasy saýlandy. Şol bir wagtyň özünde Izmir

şäheriniñ munisipialetiniñ mejlis agzasy hem boldy.
Ýylmaz Karakoýunly maşgalaly we iki çagalydyr.

■ Edebi döredijiligi

Ýylmaz Karakoýunly çeper eserleri bilen giñden tanalan ýazyjydyr. Onuñ "Salkım Hanımın Taneleri" romany 1989-njy ýylda Ýunus Nadi adyndaky roman bäsleşiginde birinji orny eýeledi.
"Üç Aliler Divanı", "Güz Sancısı", "Çiçekli Mumlar Sokağı", "Yorgun Mayıs Kısrakları", "Ezan Vakti Bethoveen", "Mevsimler Eskidi Biraz" atly romanlary "Doğan Kitap" neşirýaty tarapyndan çap edilendir. Onuñ "Güz Sancısı" romany 1991-nji ýylda Türkiýäniñ Ýazyjylar birleşiginiñ roman bäsleşiginde birinji orny eýeledi.
"O Hayal Aynasından" we "Rubailer" atly kitaplarda onuñ poetiki eserleri jemlendi.
1999-njy ýylda Edebiýat boýunça Beýik Möwlana baýragyna eýe boldy.
2000-nji ýylda "Nokta" žurnalynyñ yglan eden bäsleşiginde Edebiýat boýunça "DORUKTAKİLER" baýragyna mynasyp boldy.
2005-nji ýylda neşir edilen "Yorgun Mayıs Kısrakları" atly romanynda türk syýasy taryhynyñ syýasatçylarynyñ we medeniýet işgärleriniñ şahsy durmuşyny, söýgi gatnaşyklaryny, göreşlerini ussatlyk bilen çeper suratlandyrmagy başardy.
2010-njy ýylda neşir edilen "Serçe Kuşun Sonbaharı" atly romanynda orta asyrlaryñ gozgalañçysy we ilkinji türkmen sosialisti Şeýh Bedretdiniñ durmuşyny we sosial täsirlerini romanlaşdyrdy.
2011-nji ýylda "Dogan-Egmont" neşirýaty tarapyndan neşir edilip çagalara niýetlenen romanlar tapgyrynda "Serin Kızın Gökkuşağı" atly romany çap edildi.
2012-nji ýylda "Doğan Kitap" tarapyndan neşir edilen "Mor Kaftanlı Selanik" romanynda Türkiýe bilen Gresiýanyñ arasyndaky ilat çalşygyndan söz açdy.
2013-nji ýylda "Ekinler Gece Büyür" atly kitabyny "Doğan Kitap" neşirýaty çap etdi.

■ Drama eserleri

Ýazyjy drama eserleri bilenem öňe saýlanmagy başardy. Onuň "Önce İnsan", "Zirveden Sonra", "Altın Huylu Doruklar", "Romenos Diogenes", "Ok ve Yay", "Mavi Saplı Hayaller", "Kuzguncuklu Fazilet" pýessalary türk teatrlarynyň sahnalaryndan düşmän gelýär.
Onuň "Güz Sancısı" romanyndan başga-da "Zirveden Sonra" pýessasy Türkiýäniň Ýazyjylar birleşiginiň yglan eden bäsleşiginde birinji orny eýeledi.
"Zirveden Sonra / Sokullu" atly spektakl 1991-nji ýylda Türkiýäniň Ýazyjylar birleşiginiň yglan eden bäsleşiginde "Iň gowy oýun" baýragyny eýeledi.

■ Karakoýunlynyň romanlary kinomatografiýa sektorynda

Ýazyjynyň "Salkım Hanımın Taneleri" romany esasynda surata düşürilen adybir kinofilm 1998-nji ýylda Antalýa kinofestiwalynda alty ugur boýunça birinji orny eýeledi we iň gowy kinofilm diýip saýlandy.
Filmiň baş rollarynda oýnan aktýorlar Zuhal Oljaý, Hülýa Awşar, Kamran Usluer tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp boldular.
1991-nji ýylda ýazylan "Güz Sancısı" romany hem 2008-nji ýylda kinolaşdyryldy. Adybir kinofilmde baş rolda oýnan Beren Saat şol ýylyň iň ünsi çeken aktrisasy boldy. Kinofilmiň 2009-njy ýylyň başynda Gresiýanyň paýtagty Afinyda görkezilişi boldy. Bir gün geçmänkä kinofilm grek diline geçirilip gaýtadan görkezildi.

■ Senarist – ssenariýa geňeşçisi

Ýylmaz Karakoýunly tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolan teleseriallaryň senariýa boýunça geňeşçiligini-de ýerine ýetirýär.
"Hatırla Sevgili", "Elveda Rumeli", "Karayılan", "Her Şeye Rağmen" teleseriallary Ýylmaz Karakoýunlynyň senariýa geňeşçiligi bilen halka hödürlenen seriallardyr.

Şeýle hem "Muhteşem Yüzyıl; Kösem Sultan", "Kızıl Kısrak", "Karantinalı Despina", "Beyaz Mahşer", "Hakan" (Abdülhamit) teleseriallary onuñ soñky gatnaşan proýektlerindendir.

■ Karakoýunly – kompozitor

Karakoýunly aýdym we saz döretmekde-de özüni görkezmegi başardy. Onuñ iki ýüze golaý aýdymy we saz eserleri "TRT" döwlet teleýaýlymynyñ repertuaryndan düşmän gelýär.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly